# Algy-bergi / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Algy-bergi / satiriki hekaýa ALGY-BERGI




Men öýlendim. Günlerde bir gün kakam meni ýanyna çagyrdy.
– Oglum, ýene tegelejik bir müň manatjyk bergimiz galdy. Indi şony beri özüňjik üzeweri – diýip, kakam halys ýetdirendigini boýun aldy. Menem:
– Kaka, ony oňararyn – diýdim.
– Şeýt, oglum, şeýt.
Men gaýynlarym bilen gaty basym hasaplaşdym. Ugruny-ýoluny tapdym. Öýümizdäki keçämizi satjak bolmadym.
Bir dostum bardy, magazin müdiridi, onuň ýanyna bardym, ýagdaýymy aýtdym:
– Janyň sag bolsun, geregiň şu kagyz pul dälmi? – diýip, magazin müdiri Meret ýylgyrdy. – Ynha lükgeligi bilen alaý, sanalgyja durandyr. Müňdür – diýip, dostum Meret mertlik etdi.
– Bir ýyl puryja berersiň.
– Bolar. Bir ýyl bolmasyn, bäş ýyl bolsun!
– Ýok, ýekeje ýyl möhlet ber, üzerin. Men bergim bolsa ynjalykdan gaçyberýän – diýdim.
Bir ýyl geçdi. Başga bir dostum bardy. Ýanyna bardym.
– Ýekeje ýyl möhleti bilen bir müň manat karz ber – diýdim.
– Bolar. Ýüzlükdenmi, ellilikdenmi?! – diýip, lomaýdan urýan söwdagär dostum Ýalkap, gyzyl dişlerini lowurdadyp güldi.
Menem, şeýlelik bilen, peýdakeş dostum Ýalkapdan bir müň manat puly aldym-da, magazin müdiri bolup işleýän dostum Merede «sag bolsuny» bilen gowşurdym.
Aý aýlandy, gün geçdi, ýyl çalyşdy. Özüni oňarýan garyndaşlarymyzyň biriniň ýanyna bardym. Ondanam bir müň manat

karz aldym-da ony Ýalkaba eltip berdim.
Meniñ bu pully operasiýama, buhgalteriñ dili bilen aýtsak, debit, kredit diýilýär. Arada pul karz almaly adamlaryny spisok etdim. Spisogy men-ä 2000-nji ýyla çenli düzäýdim. Ondan soñkusyny soñ görübereris-dä. Ýigrimi birinji asyryñ başyna çenli gaýyn atam bilen gaýyn enemiñ gaty garrap, huşdan galaýmaklary mümkin. Belki, ol döwre çenli ýigrimi dagy ýaşajak gyzymyzdan bäş şaýy öner. Käsi «ýigrimi birinji asyryñ başlarynda galyñ bolmazam» diýjek bolýar. Käbir adam «galyñ ýatdygy, pul syndygy biläý» diýýär.
Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar